# Gam diýarynda ajal peýki güzar etmez maňa…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gam diýarynda ajal peýki güzar etmez maňa…



Gam diýarynda ajal peýki güzar etmez maňa,
Ýok sanar barym meger kim ygtybar etmez maňa.
Ýar jöwr etmez maňa agýar taglym etmeden,
Billah, agýar eýleýen yhsany ýar etmez maňa.

Dagydar her lahza bergi-aýyşymy ahym ýele,
Hansy nähak zulumdyr kim ruzygär etmez maňa.

Yşk derdile hoşam, terki-nesihat kyl, rafyk,
Men ki tirýak geýmez atam, zähr kär etmez maňa.

Çarhdan aşyrmadap ýadyňla ahy-ataşyn,
Gadyr edip gerdun şerardan zer nisar etmez maňa.

Nagdy-jan tarajy-gamdan saklamak duşwardyr,
Yşk tä seňňi-melamatdan hesar etmez maňa.

Ýady-laglyňla, Fuzuly, gözleýip rahy-adem
Bar bir tedbiri, emma aşykar etmez maňa. Goşgular